# «Ilhom» teatrynyň geljegi barmy?

Category: Kitapcy,Teatr we kino sungaty
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Ilhom" teatrynyň geljegi barmy? «ILHOM» TEATRYNYÑ GELJEGI BARMY?




*Soňky birnäçe aý bäri häzirkizaman özbek sungatynyň öňdebaryjysy bolan Mark Weýlyň «Ilhom» teatry howp astynda. Özbegistana täze elitalaryň gelmegi bilen onuň barlygyna howp abanmagynyň sebäbi näme?*

«Ilhom» teatry 1976-njy ýylda Daşkentde öňden görüji çeper režisýor Mark Weýl tarapyndan döredildi. Sowet Soýuzynyň ilkinji garaşsyz teatry bolmak bilen, ol Özbegistanyň taryhynda ýeketäk hakyky halkara sungat ojagydyr diýsek hem bolar.

Ýokarky iki gaty terk edilen beton sowet döwrebap binasynyň ýerzemininde ýerleşýän bu teatr köplenç “syýasy zulum bilen tanalýan ýurtda söz azatlygynyň gaçybatalgasy”, “ýönekeý özbek halkyny hem gyzyklandyrýan meseleler barada göze ilmeýän syýasy tankytlary dile getirýän çykyşlar” bilen tanalýar. Emma teatryň hekaýasy ondan has çylşyrymly. Teatryň hekaýasyny 2007-nji ýylda Mark Weýliň öldürilmeginden soňky bolan wakalardan has gowy suratlandyrýan zat ýok. Aýtmaklaryna görä Weýl, teatrda ýerine ýetirilýän käbir oýunlardaky Yslam dinine

bolan garaýýşa gahar eden dini janköýerler tarapyndan öldürildi.
Weýl medeniýetara uýgunlaşmanyň we utgaşdyrmanyň ussadydy. Ol sahnada dürli dilleri we žanrlary ussatlyk bilen utgaşdyrmakdan çekinmeýärdi. Brehtiñ, Gozziniň, Bulgakowyñ, Puşkiniň pýesalaryny ýerli we täze, şol bir wagtyň özünde çylşyrymly we adatdan daşary görnüşde görkezmäni başarýardy. Weýliň «Gurhanyň meňzetmesi», «Yhlas bilen Nar», «Oresteýa» ýaly iň uly seslenme döreden eserleri, din we gomoseksualizm meselelerini aç-açanlyk bilen ele alýardy. Muňa garamazdan teatryň esasy tomaşaçylary elmydama çeper düşünjeleri 1970-1980-nji ýyllarda sowet medeniýetinden täsirlenen, şäheriň adaty rus dilinde gürleýän intelligensiýasydy. Sowet döwründen soň hökmürowanlyk eden, milli özbek sungatyny döretmek ýa-da iň bolmanda oňa salgylanmak ýaly köneleşen düşünje «Ilhomyň» ileri tutýan maksatlaryndan biri däldi. Weýliň duýdansyz ölüminden soň onuň ýerine gelen täze ýolbaşçylar teatryň öňki abraýyny goramakda kynçylyk çekýärdiler. Şol sebäpli, teatry öňki durkunda saklamak üçin herhili täzelikleri oýlap tapmaly bolýardylar. Olaryň teatry häzirki zaman sungat merkezine öwürmek ugrundaky synanyşyklary, teatryň içindäki käbir adamlar we esasy tomaşaçylar tarapyndan ugrukdyrylan ýoldan dänmek ýaly görünýärdi.




*«Ilhom» teatrynyň girelgesiniň öňündäki howly*

2020-nji ýylyň fewral aýynyň 7-sine «Ilhomyň» ýolbaşçylary «Ofelos Plaza» adyndaky gurluşyk kärhanasyndan teatryň 44 ýyllap tölegsiz ulanan binalaryny boşaltmalydygy barada hat aldylar. Hatda aýdylmagyna görä, boşaldylmagyň maksady binanyň “durkunyň täzelenmegi” we onuň alty gatly biznes merkezine öwrülmegidi. Sara Heýwudyň aýdyşy ýaly, “Bu ýagdaý Özbegistanyň medeni elitasynda ýaramaz täsir galdyrdy” we teatryň kyn ýagdaýyna meşhur suratkeşleriň, syýasatçylaryň we diplomatlaryň ünsüni çekmek üçin #SaveIlkhom (#Ilhomyhalaset) herekedini başlatdylar. «Ilhoma» gönükdirilen bu ýagdaý duýdansyzdy we ony gurnanlar entegem näbelli.




*Saveilkhom (#Ilhomyhalaset) suraty*

Teatr ýolbaşçylary, täze emläk eýeleriniň islegleri bilen razylaşan ýaly hem bolsa, gysga wagtyň içinde ýüze çykan habarlar düýbünden başgaça we has çylşyrymly hadysalaryň bardygyny görkezýärdi. Derňewçi-žurnalist Alekseý Wolosewiç gurluşyk kärhanalarynyň Özbegistanyň prezidentiniň uly giýewi

Oýbek Tursunow bilen ýakyn aragatnaşyklarynyň bardygyny ýüze çykardy. Oýbek Tursunow bolsa “garaňky” geçmişi, şübheli aragatnaşyklary we baý keýplerine bolan işdäsi bilen tanalýar. Wolosewiç, «Ofelos Plaza» bilen «Ilhomyň» arasyndaky “ylalaşygyň” ýasamadygyny, «Ofelos Plazanyň» asyl maksadynyň bolsa hijem binanyň “durkuny täzelemek” bolman eýsem teatryň taryhy binasyny düýpgöter ýok etmekdigini aýan etdi. Özbegistandaky häzirki garyndaşparazlyk we maşgala kapitalizmi barada jikme-jik maglumat bermekden zyýada başga bir soragyň üstünde durasym gelýär. Karimowyň syýasy režiminde ençeme ýyllaryny zelelsiz geçiren «Ilhomyň», näme sebäpli täze, has açyk we geljegi uly diýlip hasaplanylýan döwlet we onuň goldaýan kärhanalarynyň arasyndaky bileleşigi tarapyndan doly ýok edilme ähtimallygy bar?
Bu soragyň ýüzleý we ýökeneý jogaby bar. Häzirki “elita’” teatrda we onuň fiziki we adam gurşawy bilen arabaglanyşygynda kän bir ähmiýet görmeýär. Bu bolsa, «Ilhomyň» ýolbaşyçylary, oýunçylar we tomaşaçylary üçin gaty möhüm. Irina Bharat “Teatrymyz diňe şu gurşawda bolup biler we oýunlarymyz diňe şu sahna üçin ýörite döredilen” diýip aýdýar. Teatr, oýunçylar we binanyň arasyndaky ýakyn baglanyşyk Edgar Alan Ponyň «Aşerlaryň öýüniň ýykylmagy» atly eserini ýada salýar. Bu, teatryň kyn ýagdaýynyň möhüm ýöne birneme ünsden düşen gowşaklygyny ýüze çykarýar. Bir wagtlar eksperimental we batyrgaý teatryň ojagy bolan bu ýerzemin, abraýly jemgyýet edarasyna, mukaddes däp-dessurlary we şöhratly geçmişi bolan rahat ýere öwrüldi. «Ilhom» wagtyň geçmegi bilen Daşkentiň häzirkizaman sungatynyň merkezine öwrülen hem bolsa, onuň ýolbaşçylary teatry gapma-garşylyksyz we wepaly diýlip hasaplanylmagyny isleýärler.
Bir tarapdan, teatryň özboluşly elitizmi (jemgyýetde görnükli we baý adamlaryň agalyk etmegine esaslanan ynanç) onuň üçin Ahilesiň dabanyna (çökgünlige eltip biljek gowşaklyk) öwrüldi. Bu ejizligiň gelip çykyşyny Laura Adamsyň ýiti garaýyşly “Döwrebaplyk, Postkolonializm we Özbegistanda teatr görnüşi” atly makalasynda görmek bolar; “1990-njy ýyllarda «Ilhomyň» çykyşlarynyň ýygyndysyndaky oýunlaryň hemmesi diýen

ýaly Daşkendiň köpmilletli görnükli adamlarynyň gyzyklanmalaryny merkezinde jemleýär.” Olar bolsa öz şahsyýetini gadymy däl-de garyndy we köpmilletli durkunda görmek isleýärler. Adams bu adamlaryň 1990-njy ýyllarda “Özbek elitasynyň medeni paýtagtynyň bir bölegi” diýip atladyrylan opera we balet çykyşlaryny tomaşa etmäge bolan höwesleriniň peselendigini belläp geçýär. Ol özbek medeniýetiniň rus-sowet medeniýetiniň kadalaryndan daşlaşyp, Halkara we Ýewropalaşdyrylan sungat görnüşleri arkaly täze äheňde görülip başlanan “milli medeniýete” tarap üýtgändigini belleýär.
Häzir, on bäş ýyl geçeninden soň, «Ilhomyň» ykbalynda ýene-de öňki zatlar gaýtalanýar. Özbek elitasynyň häzirki nesli köpmilletli ýokary medeniýetiň nämedigini aňmak üçin Daşkentdäki kiçijik rus teatryna mätäç däl. Bu düşünje indi Hýat we Hilton, gyzyl haly we moda çykyşlary, TED çykyşlary we syýahatçylyk forumlary bilen gelýär.




*«Ilhom» teatrynyň sahnasyny terk edýän ýalňyz oýunçy*
Bu örän gynandyryjy ýagdaý emma özbek şäherlerinde bolup geçýän ägirt uly arassalaýyş işleriniň pidasyna öwrülenler «Ilhom» bilen çäklenmeýär. Ýerli häkimiýet we kärhanalar döwrebap biznes we dynç-alyş merkezlerine ýol açmak üçin şäher mirasymyzy yzygiderli ýok edýärler. Bu gapma-garşylyk däp-dessurçylar we medeniýeti goraýjylar arasynda däl-de, eýsem

elitanyň köne we täze nesliniň dürli medeni garaýyşlarynyň arasyndadyr. Bu bäsdeşikli döwürde diri galmak üçin, «Ilhom» ýa täze elitanyň bähbitlerine hyzmat etmegiň ýoluny tapmaly ýa-da ýitiren üstünligini we erjelligini täzeden oýlap tapyp, galkmaly.

Alekseý ULKO.

25.12.2020 ý.

Makalanyň asyl nusgasy: «Is there Future for the Ilkhom Theater?» Teatr we kino sungaty